# MONJUGATDYLAR

– A –

**Agaç başy burular,**
**Düýbünde suw durular,**
**Özgäň ýary gelende**
**Meniň boýnum burular.**

* * *

**Agaç başynda durdum,**
**Düýbüne duzak gurdum,**
**Nadan ýaryň golunda**
**Kä agladym, kä güldüm.**

* * *

**Agam ogly al meni,**
**Heýkeliňe sal meni,**
**Senden özgäni söýsem**
**Yhlasyň ursun meni.**

* * *

**Agam ogly zyýada,**
**Bermäňler meni ýada,**
**Kowalap ýetip bilmen**
**Ol atly, men pyýada.**

* * *

**Agar çäkmen boýuna,**
**Çapy[1] gelişmez ýana,**
**Her dem boýuň görmesem,**
**Boldum däli-diwana[2].**

* * *

**Agar çäkmen etegi,Etegi guşlar ýatagy,**
**Beýle ýary bolanyň**
**Uçmahdadyr otagy.**

* * *

**Agar çäkmen dyzyňdan,**
**Doýmadym gül ýüzüňden,**
**Her annada gelmeseň**
**Ynha, bardym yzyňdan.**

* * *

**Aglaryn-a, aglaryn,**

---

[1] Çapy — donuň syýnyna urulýan zolak mata.
[2] Şu bendiň:

Agar çäkmen boýuna,
Çapy gelişmez ýana,
Her hepdede gelmeseň,
Men däli hem diwana – diýen nusgasy-da bar.

**Ýara göwnüm baglaryn,**
**Ýar göwnümi almasa,**
**«Ilim» diýip aglaryn.**

* * *

**Aý aýdyňdyr, Aý batmaz,**
**Gyrylmyş itler ýatmaz,**
**Göwni gara enesi**
**Gyzyndan aýra ýatmaz.**

* * *

**Aý aýdyňdyr, biler men,**
**Ak donumy geýer men,**
**Aý buluda girýänçä**
**Kararym ýok, öler men.**

* * *

**Aý aýdyňdyr hesipdir,Elimi pyçak kesipdir,**
**Al ýaňak, ýuka dodak**
**Gör, kimlere nesipdir.**

* * *

**Aý aýdyňdyr süýt kimin,**
**Arkalygym çit kimin,**
**Oglan, köp gelip gitme**
**Basarlar bürgüt kimin.**

* * *

**Aý aýdyňdyr süýt ýaly,**
**Geýen geýmiň çit ýaly,**
**Kän gelmegin, giýewiÝenjilersiň it ýaly.**

* * *

**Aý aýdyňdyr hoş gije,**
**Ýar gujagy boş gije,**
**Ýarym onda, men munda**
**Arman ara daş gije.**

* * *

**Aý aýdyňdyr süýt kimin,**
**Gyzlar oýnar gurt kimin,**
**Daşdan gelýän aý, oglanÝenjilersiň it kimin.**

* * *

**Aý aýdyňdyr gelmegin,**
**Halka mälim bolmagyn,**
**Aý buluda girende**
**Daňsalar-da durmagyn.**

* * *

**Aý aýdyňdyr, agyldyr,**
**Gyzlar öýde baglydyr,**

**Her ýyl Nowruz gijesi**
**Ýar ýaryna baglydyr.**

* * *

**Aý aýdyňdyr, ýagtydyr,**
**Ýaryň geler wagtydyr,**
**Degmäň ýaryň göwnüne**
**Posa aljak wagtydyr.**

* * *

**Aý dogar gädiginden,**
**Tanadym ädiginden,**
**Baryp aýdyň oglana**
**Dänmesin diýdiginden.**

* * *

**Aý dogar perli-perli,**
**Gapymyz goşa nerli,**
**Girseň ýaryň goýnuna**
**Çykarsyň alnyň derli.**

* * *

**Aýlandym bag içinde,**
**Ýüregim dag içinde,**
**Öldürse, ýar öldürsin**
**Şetdaly bag içinde[3].**

* * *

**Aýnada gördüm ýüzüň,**
**Aýdaýyn pynhan sözüm,**
**Öz halanma barmasam,**
**Ýaşa dolar şu gözüm.**

* * *

**Aý çykar, aýlar batmaz,**
**Gyrylmyş itler ýatmaz,**
**Aşyk oglanyň şöwri[4]**
**Gije meni uklatmaz.**

* * *

**Aý çykar, uzak düşer,**
**Mum ýanar, çyrag düşer,**
**Ýar gözünden düşenler**
**Köňülden yrak düşer.**

* * *

**Ak ýüzüm nar-da bolsa,**
**Alkymym gar-da bolsa,**

---

[3] **Şu bendiň:**
**Bürgütler bag içinde,**
**Keýpimiz çag içinde,**
**Öldürse, ýar öldürsin,**
**Şetdaly bag içinde – diýen nusgasy-da bar.**

[4] **Şöwür – gije ýoly geçmek, ilkiagşamdan tä ertire çenli ýol ýöremek.**

**Hudaý saňa ýazypdyr**
**Adaglym bar-da bolsa.**

* * *

**Ak ýüzüň gara meňzär,**
**Ýaňagyň nara meňzär,**
**Adaglyň toýda gördüm**
**Guş uran sara[5] meňzär.**

* * *

**Ak öýleriň tärimi,**
**Sözüň jana därimi,**
**Şol oglanyň nazary**
**Alyslardan bärimi?**

* * *

**Ak öýe ýapsaň eşik,**
**Içinde ýanar yşyk,**
**Gelgin suwa-güzere**
**Ele alyp suw meşik.**

* * *

**Ak maýa düzde galdy,**
**Ýüki Töwrizde galdy,**
**Oglany dert apardy**
**Dermany gyzda galdy.**

* * *

**Ak telpegiň deriden,**
**Ýürek-bagrym ereden,**
**Sen bir algyr guş bolsaň**
**Äkit meni şu ýerden!**

* * *

**Ak telpegi gar ýaly,**
**Töwerekde bar ýaly,**
**Baryp aýdyň tiz gelsin**
**Meniň göwnüm zar ýaly.**

* * *

**Ak telpegiň bar ýaly,**
**Göýä akja gar ýaly,**
**Ýigit, näme gözleýäň**
**Mende göwnüň bar ýaly.[6]**

---

[5] **Sar – serçeler toparyndan bolan, gara-ala ýelekli saýrak guş.**
[6] **Şu bendiň:**

**Ak telpegiň gar ýaly,**
**Töwerekde bar ýaly,**
**Baryň, aýdyň şol ýara**
**Meniň göwnüm zar ýaly — diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Ak telpegiň deriden,**
**Süňňüme sim ýöreden,**
**Gyrmyz donly gyratly**
**Sal, ýoluňy bäriden.**

* * *

**Ak telpegiň abatdyr,**
**Yşgyň meni gabapdyr,**
**Ýürekden söýen ýarym**
**Geýen donuň zerbapdyr[7].**

* * *

**Ak telpegiň deriden,Etim-ganym ereden,**
**Aýry ýoldan ýöreden**
**Başarmadyň ak telpek[8].**

* * *

**Ak telpegiň abatdyr,**
**Yşgyň meni gabapdyr,**
**Iki aşyk birleşse**
**Ahyretde sogapdyr.**

* * *

**Ak çargadym[9] herýan-herýan,**
**Dal boýuňa men gurban,**
**Galmaz ýürekde arman**
**Seň bilen sürsem döwran.**

* * *

**Akar akar ar bilen,**
**Alma tapdym nar bilen,**
**Niçik ömür süreýin**
**Bir aksakgal är bilen.**

* * *

**Akdyr bilegim, oglan,**
**Köpdür dilegim, oglan,**
**Menden başga ýar diýseň**
**Ýansyn ýüregiň, oglan.**

* * *

**Akgalada işim bar,**
**Aňyrsynda hoşum bar,**
**Goýberseňiz gideýin**
**Gözi bagly guşum bar.**

---

[7] **Zerbap – zer bilen bezelen, zer ýaly, zer mysaly.**

[8] **Şu bendiň:**

**Ak telpegiň deriden,**
**Süňňüme sim ýöreden,**
**Gyrmyzy donly, gara ädik,**
**Sensiň meni Leýli eden – diýen nusgasy-da bar.**

[9] **Çargat – gyňaç.**

* * *

**Ak çynaryň asly matyr[10],**
**Gelsene, ýanymda otur,**
**Kyrk derdim bar, doga getir**
**Dogaň maňa şypa bolsun.**

* * *

**Ak towuk, ala towuk,**
**Säher gygyran towuk,**
**Biz ýara näme diýdik**
**Ýar ýüzi bizden sowuk.**

* * *

**Akrapda[11] uçan guşlar,**
**Yrak zeminde gyşlar,**
**Ýar bizden köňlün üzüp**
**Gör, nirde köňül hoşlar.**

* * *

**Akrap geldi hazan[12] bar,**
**Ýürek-bagrym ezen bar,**
**Diýse diýsin bendesi**
**Ýokarda bir ýazan bar.**

* * *

**Ak pagtanyň hanasy,**
**Ýarym güller dänesi,**
**Ýokdur ýarymda ýazyk**
**Ýazyklydyr enesi.**

* * *

**Al, eliňe hanjary,**
**Ur, ýüregme pyçagy,**
**Sekiz jennetden giňdir**
**Ol oglanyň gujagy.**

* * *

**Ala gözde gara bar,**
**Jigerimde ýara bar,**
**Ne men öldüm gutardym**
**Ne derdime çäre bar.**

* * *

**Ala dagdan aş ýigit,**
**Müň tümenden geç ýigit,**
**Gündiz eliň degmese**
**Gije ýola düş ýigit.**

---

**[10] Matyr – ösmeýän agaç manysynda.**
**[11] Akrap – 1. Içýan ýyldyzlar toparyndan Beta ýyldyzy. 2. Aý hasabynyň Garaşsyzlyk aýynyň ahyrky günleri bilen Sanjar aýynyň ýigrimilerini öz içine alýan bir aýyň ady.**
**[12] Hazan – musulman ýyl hasaby boýunça akrabyň öň ýanyndaky hasap-hesip, güýz paslynyň ýapraklar dökülip, ekinleri sowuk urýan döwri.**

* * *

**Ala dagdan aşsamdym,**
**Ýar gujagna düşsemdim,**
**Ýarymyň ak golundan**
**Gülgün şerap içsemdim.**

* * *

**Ala daglar armydy,**
**Arasynda barmydy,**
**Meni saňa bereniň**
**Iki gözi körmüdi.**

* * *

**Ala torbam argapdyr,**
**Ýüzi-gözi dargapdyr,**
**Indi seni är almaz**
**Belli, Taňryň gargapdyr.**

* * *

**Ala ýaglyk alsana,**
**Alma-nary ýolsana,**
**Meniň ýarym gelsene**
**Boýnuma gol salsana.**

* * *

**Aldymgaç-a[13], aldymgaç,**
**Ýar atyňa münüp gaç,Ýetdirme duşmanlara**
**Sal goýnuňa, alyp gaç.**

* * *

**Alla meni guş etsin,**
**Ganatym kümüş etsin,**
**Biwepa ýalançyda**
**Ikimizi duş etsin.**

* * *

**Alma geldi, nar geldi,**
**Köýnek biçsem dar geldi,**
**Günüň günortan çagy**
**Çapar atly ýar geldi[14].**

* * *

**Alma bolsun, nar bolsun,**
**Ýarlar mähriban bolsun,**
**«Uruldym» diýip gyýylma**
**Gyzlar saňa ýar bolsun.**

---

[13] **Aldymgaç – aýal köýneginiň ýakasyna, donuň gyrasyna tutulýan dürli reňkli sapaklardan edilýän jähek.**
[14] **Şu bendiň:**
**Alma atdym, nar geldi,**
**Köýnek tikdim, dar geldi,**
**Gijäniň ýarymynda,**
**Ak köýnekli ýar geldi – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Almany aýyrdylar,**
**Şahasyn gaýyrdylar,**
**Söýüp-saýlan gül ýarym**
**Söz bilen aýyrdylar.**

* * *

**Almany atan kimdi?**
**Bazarda satan kimdi?**
**Per ýassyk, per düşekçe**
**Üstünde ýatan kimdi?**

* * *

**Alsam atyň sagrysyna,**
**Düşsem ýoluň dogrusyna,**
**Niçik jeza buýrulýar**
**Aşyk gyz ogrusyna.**

* * *

**Alysdan bakyşaly,**
**Ýüregmiz ýakyşaly,**
**Gündizki derdimizi**
**Gijeler çekişeli.**

* * *

**Aman-aman içinde,**
**Başym duman içinde,**
**Aljak bolsaň, gel, oglan**
**Goýduň güman içinde.**

* * *

**Apbasysy ses eden,**
**Gygyrdy-la keseden,**
**«Ýaryň hassa» diýdiler**
**Derman goýdum kiseden.**

* * *

**Argyş[15] çuwal köşesi[16],**
**Söküp-söküp işesi,**
**Seni alan şol ýigit**
**Akylyndan aşasy.**

* * *

**Arkam berdim agaja,**
**Ýar geledir şu gije,**
**Söwer ýaryň enesi**
**Goýber, ogluň şu gije.**

---

**[15] Argyş – söwda edip bir ýurtdan däne, galla getirmeklik.**
**[16] Köşe – çuwalyň, torbanyň we ş.m. iki ýan gapdalyndaky bagyny ýa-da ýüpüni ildirip dakmak üçin goýulýan halka.**

* * *

**Arygy, jan arygy,**
**Gördüm suwly arygy,**
**Ýar gitdi şonda boldy**
**Ýüregimiň ýarygy.**

* * *

**Aryk başynda şora[17],**
**Ýarym gitdi Buhara,**
**Üç aýa wada berdi**
**Gelmedi ýüzügara.**

* * *

**Aryk gyragy söwüt,**
**Söwüt ýanynda şibit,**
**Her gyz ki bimar bolsa**
**Onuň dermany ýigit.**

* * *

**Aryk boýunda igde,**
**Igdäniň güli maýda,**
**Hemmäniň ýary öýde**
**Biziň garagöz nirde?**

* * *

**Aryk boýunda guzy,**
**Ýarymyň birje sözi,**
**Ýigitleri köýdürer**
**Gyzlaryň gara gözi.**

* * *

**Arpa geldi tümbüle[18],**
**Gara saçy sümmüle[19],**
**Aşyk gyz maňa gitmän**
**Eýsem gider kim bile?**

* * *

**Arpa unuň kepegi,Ýelpäp alyň çelpegi,**
**Kimiň monjugy çyksa**
**Söwer ýaryň telpegi.**

* * *

**Arpalar gara palçyk,**
**Daş çykma başy açyk,**
**Göwnüň mende bar bolsa**
**Bukjaň göter, ýola çyk!**

---

**[17] Şora – köplenç şorlukda bitýän pürli ýaprakly we ýapragy şorumtyl suwluja ot.**
**[18] Tümbül – bişip başlamak.**
**[19] Sümmül – däneli ekinleriň boý alyp başa durmazynyň öň ýanyndaky görnüşi.**

* * *

**Arman[20] tahýa başymda,**
**Köp aýlanýaň daşymda,**
**Menden başga ýar tutsaň**
**Gowga bardyr başyňda.**

* * *

**Arça-kerkaw töňňesi,**
**Men Hudaýyň bendesi,**
**Adamzadyň gendesi**
**Nirden çykdyň alnymdan.**

* * *

**Arça ýapragyn dökmez,**
**Muhabbet jandan gitmez,**
**Bu gözler seni gördi**
**Başgasyna seretmez.**

* * *

**Asmanyň görki Aýdyr,**
**Daglar dumana baýdyr,**
**Alaýsaň-da gyz algyn**
**Juwan atylan ýaýdyr.**

* * *

**At esbaby gaýyşdan,**
**Göwüsbendi[21] kümüşden,**
**Adaglyň toýda gördüm**
**Horjuny doly iýmişden.**

* * *

**Atlanypdyr atyna,Ýetmek üçin netine[22],**
**Zor bilen gyz almazlar**
**Adam iber ötümne.**

* * *

**Aşyk boldum şol gyza,**
**Elinde suwly küýze,**
**Sawçy iberip alaryn**
**Galdyrman geljek güýze.**

– B –

**Bag içinde gezen ýar,**
**Ýürek-bagrym ezen ýar,**
**Ýaryň geldi diýseler**
**Begres geý-de, bezen ýar.**

---

**[20] Arman – gyzlaryň tahýasyna salynýan nagşyň ady.**
**[21] Göwüsbent – bezeg üçin atyň göwsüne dakylýan ýüzi kümüşli ýasy gaýyş.**
**[22] Neti – niýeti manysynda.**

* * *

**Bag düýbünde duranlar,**
**Messan-messan ýörenler,**
**Çykypsyňyz bezenip**
**Haýran bolýar görenler.**

* * *

**Baga girene gurban,**
**Gülün tirene gurban,**
**Biz-ä ýary görmedik**
**Ýary görene gurban.**

* * *

**Baga girdim bar üçin,**
**Alma bilen nar üçin,**
**Şirin janym kül etdim**
**Bir biwepa ýar üçin.**

* * *

**Baga girdim yzyňdan,**
**Gara saçyň dyzyňdan,**
**Ýakma meni, gara göz**
**Öldüm seniň näziňden.**

* * *

**Baga girdim, üzüme,**
**Güller degdi dyzyma,**
**Baga gelipdir ýarym**
**Ýüzi düşdi ýüzüme.**

* * *

**Baga girsem, bahar bor,**
**Ýüzün görsem, nahar bor,**
**Bir gün ýüzüň görmesem**
**Ballar maňa zäher bor.**

* * *

**Bagda üzüm halyly[23],**
**Gezdim sorap uly ili,**
**Ýalan gep edýänleriň**
**Ýarym, azandyr päli.**

* * *

**Bagda bişdi garaly,**
**Gel, bir zaman duraly,**
**Çyksyn göribiň gözi**
**Gol tutuşyp ýöräli.**

* * *

**Bagda gül baglaşalyň,**
**Bir karar baglaşalyň,**

---

**[23] Halyly – üzümiň bir görnüşi.**

**Kararyndan däneniň**
**Ýüregin daglaşalyň.**

* * *

**Bagda gördüm ekme nar,**
**Bolduň bize hyrydar,**
**Seniň başga ýaryň bar**
**Berme, maňa sen azar.**

* * *

**Bagyňyzdan bakaýyn,**
**Galam gaşym kakaýyn,**
**Seniň syýa zülpüňi**
**Tamdyrama[24] dakaýyn.**

* * *

**Baglaryň bar dalçyny,**
**Öpsem agzyň içini,**
**Bir bölejik guş geldi**
**Sen içiniň laçyny.**

* * *

**Badamça baldaklydy,**
**Gyzyl gül ýapraklady,**
**Isledim, göwün berdim**
**Gorkaram, adaglydy.**

* * *

**Bazar ýoly pişeli,**
**Ýüpek getir işeli,**
**Ýardan bir ýaglyk geldi**
**Gyrasy melewşeli.**

* * *

**Bazarda erik gelin,**
**Gaşlary gerik gelin,**
**Dört gözeliň içinde**
**Sensiň teperrik[25] gelin.**

* * *

**Bakalyň biz Gülşene,**
**Ýaglyk geldi nyşana,**
**Kim üçin kimler ýollar**
**Habar düşer nyşana.**

* * *

**Bakdy geçdi tärimden,**
**Gözüm doýmaz ýarymdan,**
**Ýara sowgat gönderdim**

---

[24] **Tamdyra – dutar.**
[25] **Teperrik – halk içinde abraýly, sarpaly, kethuda, uzak ýaşan adamlardan, keramatly işan-mollalardan berlen dadymlyk, ýadygärlik nyşan.**

**Bagda alma-narymdan.**

* * *

**Bakjamda barym bar-a,**
**Göwsümde narym bar-a,**
**Gyratly, gyrmyz donly**
**Janserek ýarym bar-a.**

* * *

**Barly gezer at bilen,**
**Içim doly ot bilen,**
**Ejem şu gün, boýdaşlar**
**Guda bolýar ýat bilen.**

* * *

**Barmanam, hiç barmanam,**
**Berseler-de, barmanam,**
**Meni şoňa berseler**
**Şu dünýäni görmenem.**

* * *

**Başda ýaşyl kürtesi,**
**Bürenjegiň ortasy,**
**Barannyň kimdigini**
**Bildi Maral ertesi.**

* * *

**Başdaňym-a ýaglykdyr,**
**Geler wagty çaglykdyr,**
**Iller ýatar öýündeIlerimiz baglykdyr.**

* * *

**Başlady gyz, başlady,**
**Suwa monjuk taşlady,**
**Goşgusyn ýalňyş okap**
**Garry Maral kaşlady.**

* * *

**Başy belent çynarym,**
**Düýbünde saýalanym,**
**Ýaryň ýoluna garap**
**Ahy-zaryn kylanym.**

* * *

**Beden ýar-a, beden ýar,**
**Aklym haýran eden ýar,**
**Ýarymda ýazyk ýokdur**
**Agasy eňreden ýar.**

* * *

**Beden ýar-a, beden ýar,**
**Meni Leýli eden ýar,**
**Ozal-a beýle däldiň**

**Saňa bir öwreden bar.**

* * *

**Beýik-beýik jülgeler,Eýerlenen at ýaly,**
**Köp gelmegin giýewiÝenjilersiň it ýaly.**

* * *

**Bil kemer gulaç-gulaç,**
**At üsti altyn syraç[26],**
**Çille ýüpek gerekdir**
**Döşi gapak gerekdir.**

* * *

**Bilbil güle hyrydar,**
**Kömek etse Biribar,**
**Ýaşylbaş güle garar**
**Mydam aglar bikarar.**

* * *

**Bilezigi getiriň,**
**Ak bilege ötüriň,**
**Janym çykyp baradyr**
**Söwer ýara ýetiriň.**

* * *

**Bir gül ekdim diwara,**
**Bilbil saýrar suwara,**
**Saýra, bilbilim saýra**
**Belki, ýarym oýana.**

* * *

**Bir guş uçdy howadan,**
**Boýny mahmal dogadan,**
**Ýykylmyş gahba pelek**
**Ýarym gitdi obadan.**

* * *

**Bir kiçijik kişmişdim,Elden ele düşmüşdim,**
**Men bir gyzyl gül bolup**
**Bir nadana duşmuşdym.**

* * *

**Bir malym bar inerçe,**
**Hatabyna[27] gonar serçe,**
**«Enejan» diýen ak nowça**
**«Alaýyn» diýsem bolmady.**

* * *

**Bir tikeje bagyram,Ýeňil saýma, agyram,**
**Çykam daglar başyna**

---

[26] **Syraç – çyra, ýagtylyk.**
[27] **Hatap – howudyň öň tarapynyň üstünden goýlup berkidilýän toýnuk şekilli dört bölek agaç.**

**«Ýar-ýar» diýip, çagyram.**

* * *

**Boz atym boza meňzär,**
**Boýny şabaza[28] meňzär,**
**Ýar goýnuna gireniň**
**Gyş güni ýaza meňzär.**

* * *

**Boýuň boýlardan ýagşy,**
**Arkaňdadyr çit nagşy,**
**Söküp Kesearkajy**
**Tapmadym senden ýagşy.**

* * *

**Boz atym bozalanar,**
**Ýykylsa tozalanar,**
**Gyz görmedik ýaş ýigit**
**«Ýar» diýip özelener.**

* * *

**Boz atym boza-boza,**
**Boýny gupbaly goza,Ýedi ýyl aşyk boldum**
**Boýny bukawly gyza.**

* * *

**Boz atym bozalandy,**
**Ýykyldy tozalandy,**
**Suwa bir gözel indi**
**Ýüregim täzelendi.**

* * *

**Boz atymyň boýnagy,**
**Oýnagym gaz oýnagy,**
**Gije gezen ýigidiň**
**Dodagy süýt gaýmagy.**

* * *

**Boýnum burup, delmirip,**
**Ýapyşdym men ýalbaryp,**
**Gitdi-le, ýar sapara**
**Maňa ýaglyk äberip.**

* * *

**Bolsun sesiň sem oglan,**
**Ýok derdiňe em oglan,**
**«Gelme» diýsem kän gelip**
**Bizar edýäň sen oglan.**

---

[28] **Şabaz – gerçek, goçak.**

* * *

**Bossanlykda mazy[29] men,**
**Hünärliler sazy men,**
**Nowruzyň akja gary**
**Ýylyň bahar, ýazy men.**

* * *

**Boýuň misli ak derek,**
**Ugruňda men janserek,**
**Ýar bilen dilleşmäge**
**Wepadar ýürek gerek.**

* * *

**Bu dagyň gary menem,**
**Gün düşse eremenem,**
**Ýüz ýyl toprakda galsam**
**Juwanam, çüýremenem.**

* * *

**Bu gün howa dolandyr,**
**Bagda günler solandyr,**
**Sen öýmüzden gideliň**
**Maňa jebir bolandyr.**

* * *

**Bu ýerde ýylan bolmaz,**
**Derdimi bilen bolmaz,**
**Söwer ýardan aýryldym**
**Gözýaşym sylan bolmaz.**

* * *

**Bu jahanda bu jandyr,**
**Şirin janym gurbandyr,**
**Myhman oglana degmäň**
**Hassa jana dermandyr.**

* * *

**Bu haýat uzyn bolsun,**
**Miwesi üzüm bolsun,**
**Ýary geljek gelinleň**
**Gijesi uzyn bolsun.**

* * *

**Bulut geldi garalyp,**
**Dag başlary bürelip,**
**Näzli gyza näm boldy**
**Otyr öýde saralyp.**

* * *

**Bu dünýede paýym bar,**
**Giň gujakda jaýym bar,**

**[29] Mazy – 1. Dessemmaýa (dessemmil) — elde oýnamak we ysgamak üçin ýakymlyja ysly kyrk günlük gawunyň bir görnüşi. 2. Çagany gowy görüp, söýlüp aýdylýan söz.**

**Hudaýym köp görmesin**
**Gara göz humaýym bar.**

* * *

**Bulut göçer topba-topba,**
**Başyňda altyn gupba,**
**«Aty ýok näder» diýme**
**Gaçaryn edip hopba.**

* * *

**Bökejen köwüş ýer böwser,**
**Kümüş guşak bil gysar,**
**Bizi gören jahyllar**
**Depeden aşak towsar.**

* * *

**Böküp dur-la ýüregim,**
**Ýolda iki garagym,**
**Ak telpek, gyrmyz donly**
**Sensiň meniň geregim.**

– Ç –

**Çabydyň çapraz[30]-çaňňa[31],Ýerimden turdum laňňa,**
**Ussa ýaryň dakypdyr**
**Alaçaňa[32] kän teňňe.**

* * *

**Çagyrdym çaý içinde,**
**Başym gowga içinde,**
**Öldürse ýar öldürsin**
**Gyzyl gül bag içinde.**

* * *

**Çakar çakmagyň daşy,**
**Akdyr eýeriň gaşy,**
**Adyň tutsam bilerler**
**Üç doganyň iň ýaşy.**

* * *

**Çal horaz-a, çal horaz,**
**Boýa boýalan horaz,**
**Owazyňa döneýin**
**Ýar oýandyran horaz.**

* * *

**Çarhym çala bilmedim,**
**Igim ala bilmedim,**

---

**[30] Çapraz – çabydyň ýakasyna dakylýan gulply apbasy.**
**[31] Çaňňa – çaprazyň aşagynda asylýan pişme şekilli şelpeli bezeg şaýy.**
**[32] Alaça – erşi gyzyl, argajy gök, elde dokalýan nah matanyň bir görnüşi.**

**Nirden çykdy gaýtarma**
**Ýary göre bilmedim.**

* * *

**Çelekeniň[33] ýollaryna,**
**Sagyndan sollaryna,**
**Men bir dilli jaň bolsam**
**Ýarymyň gollaryna.**

* * *

**Çepbetew[34] çabyt dyzyndan,**
**Ynha, ýetdim yzyndan,**
**Bir bäriňe bakmasaň**
**Men-ä gitdim özümden.**

* * *

**Çepbetewi bar eken,**
**Çep goltugy dar eken,**
**Nadan ýary bolanyň**
**Ýüzi ýaman hor eken.**

* * *

**Çepbetewiň bar eken,Ýeňi, çapysy dar eken,**
**Ogryn-ogryn seretdiň**
**Bizde göwnüň bar eken.**

* * *

**Çeşme suwun içdim ýar,**
**Salam berip geçdim ýar,**
**Sen salamym almasaň**
**Menem senden geçdim ýar.**

* * *

**Çeşme başsyz bolarmy?**
**Düýbi daşsyz bolarmy,**
**Akylsyz nadan oglan**
**Gyz ýoldaşsyz bolarmy?**

* * *

**Çeşmäni laýladylar,**
**Suwuny paýladylar,**
**Men-ä saňa gelmezdim**
**Boýnuma bagladylar.**

* * *

**Çopan iýer gowurma,**
**Geýip geler çöwürme,**
**Diýenimi gaty görüp**
**Menden ýüzüň öwürme.**

---

[33] **Çeleken — häzirki Hazar şäheri.**
[34] **Çepbetew – aýal-gyzlaryň çabyt tikinýän matasy.**

* * *

**Çykdym çynar başyna,**
**Garadym güneşine,**
**Ýarym, beren ýaglygyň**
**Çüýretdim gözýaşyma.**

* * *

**Çykdym çynar başyna,**
**Ýylky ýaýdym daşyna,**
**Elimde gülgün ýaglyk**
**Gönderdim syrdaşyma.**

* * *

**Çykdym dagyň belendi,**
**Oýandym ýar gelende,**
**Golum ýaryň ýassygy**
**Aýyrsynlar ölemde.**

– D –

**Daga düşdi, batdy gama,**
**Il ýigidi sadagam-a,**
**Daýym ogly gelmese**
**Oda köýsün, otagam-a.**

* * *

**Dagda arslan bolarmy?**
**Düýbi harman bolarmy?**
**Ýany-ýana kül boldum**
**Küle derman bolarmy?**

* * *

**Dagda bulut towlanar,**
**Suwda balyk duwlanar,**
**Ýar soragna çykanlar**
**Tizden yza köwlener.**

* * *

**Daglardan alyp genji,**
**Daksadym boýna hünji,**
**Ýaglyk ýollan oglanyň**
**Bolsadym göz guwanjy.**

* * *

**Dadym bar, adaglym bar,**
**Derdimden habarlym bar,**
**Bir synyk, sypaýyja**
**Söwer ýar, adaglym bar.**

* * *

**Daýnany[35] baýyr aldy,**
**Düýbüni çaýyr aldy,**
**Bedew atyň kişňände**
**Ýüregim howur aldy.**

* * *

**Daň sesi, daň sesine,**
**Oýandym jaň sesine,**
**Hal-ha gelýär näzli ýar**
**Zülpi düşüp ýeňsesine.**

* * *

**Daň horaz-a, daň horaz,**
**Daňdan gygyrýan horaz,**
**Sesim sesiňe gurban**
**Ýarym oýaran horaz.**

* * *

**Degirmen üsti kötel,**
**Gaçdy ýaglygym göter,**
**Men egilsem duýarlar**
**Düş atdan, özüň göter.**

* * *

**Delmirip boýnuň burma,**
**Garşyma gelip durma,**
**Saňa berilmez oglan**
**Gymmat bahaly Hurma.**

* * *

**Deňiz barak guşuna,**
**Awa gider gyşyna,**
**Ýarym tutan awuny**
**Salar palaw aşyna.**

* * *

**Deňizden balyk çykdy,**
**Ýüzüp kenara çykdy,**
**Pyýala şeker döküp**
**Ýar meni suwa ýakdy.**

* * *

**Depä çykyp durupdym,**
**Elim ýere urupdym,**
**Başarmadyň ak telpek**
**Hak aşygyň bolupdym.**

* * *

**Depä çykyp boýladym,**
**Gopuz çalyp oýnadym,**

**[35] Daýna – Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyndaky bir obanyň ady.**

**Her näçe seretsem-de**
**Didaryňdan doýmadym.**

* * *

**Derýa bardym geçmäge,**
**Egildim suw içmäge,**
**Göwnüm ýary küýsedi**
**Ganatym ýok uçmaga.**

* * *

**Derýalar balyklydyr,**
**Düýeler halyklydyr,**
**Göwnümi awlan ýigdiň**
**Aýagy çaryklydyr.**

* * *

**Dilber niçik halda sen,**
**Şeýle gözi ýolda sen,**
**Ak ýüzüň, keman gaşyň**
**Ajap ýüzi hally sen.**

* * *

**Dilber gara gözleriň,**
**Ýagtylyp dur ýüzleriň,**
**Janyma ýagşy ýarar**
**Ýaňky diýen sözleriň.**

* * *

**Dokaýaryn düýp haly,**
**Ol oglan eker şaly,**
**Meni alyp toý etmek**
**Ýaryň niýeti-päli.**

* * *

**Duran ýerim gamyşdy,**
**Düýe-köşek emişdi,**
**Sagmaga çykan ony**
**Söwer ýarym Kümüşdi.**

* * *

**Durna geçer gaz bilen,**
**Enaýy owaz bilen,**
**Obamyň gözel gyzy**
**Köýdürdi-le näz bilen.**

* * *

**Düýede burundyryk[36],**
**Dulda unly kendirik,**
**Getirdi ýarym maňa**
**Desse şeker çiňňirik[37].**

---

**[36] Burundyryk – nogta dakmak üçin düýäniň burnuny deşip ildirilýän agaç.**
**[37] Çiňrik – gant almak üçin ekilýän ösümlik.**

* * *

**Dürleri dilim seçdi,**
**Bir desse gülüm düşdi,**
**Zer galpagyn tasadyp**
**Şeýda bilbilim geçdi.**

* * *

**Düşýärsiň üme-çüme,**
**Ýaşyň bardy bir çene,**
**Ýarym beren wadaňy**
**Şu wagt öwür çyna.**

* * *

**Düýeler hatar-hatar,**
**Owsary[38] suwa batar,**
**A gyz, seniň adaglyň**
**Kümüş bilezik satar.**

– E –

**Eden işi bir geňsi,**
**Mydam dokaýar eňsi[39],**
**Seniň ýaryň dälmi şol**
**Gyz, seň bolşuň neneňsi?**

* * *

**Edenim ejap boldy,**
**Ýüregim kebap boldy,**
**Men-ä saňa barjakdym**
**Duşmanlar sebäp boldy.**

* * *

**Eýesin bilen ýagşy,**
**Habaryn alan ýagşy,**
**Ýaglyk iberen oglan**
**Bar bu gün göz-guwanjyň.**

* * *

**Ezizim bar, gözüm bar,**
**Inçeden owazym bar,**
**Gaýradan gelýän atlyň**
**Öň serdary biziň ýar.**

* * *

**Ekin ekdim dümeden[40],**
**Bir ýar söýdüm ümeden[41],**
**Meniň göwnüm ynjalmaz**

---

**[38] Owsar – düýäniň kellesine salynýan demir dişli nogta.**
**[39] Eňsi – sowuk girmezlik üçin öýüň gapysyna tutulýan gölsüz kiçiräk haly.**
**[40] Düme – ýagyş suwuna ekilýän ekin.**
**[41] Üme – tiz gutarmak maksady bilen aýal-gyzlaryň üýşüp, kömek hökmünde biri-birine edip berýän el işleri (tikin tikmek, keçe etmek, haly dokamak we ş.m.).**

**Doganlar bu nämeden?**

* * *

**Ekin ekdim garabaş,**
**Akbaş bilen aralaş,**
**Seniň oglan ýaryň bar**
**Orta boýly galam gaş.**

* * *

**Ekin ekdim darydan,**
**Içmek tikdim deriden,**
**On iki süňňüm ereden**
**Gelip dur-la, ýeňňe jan!**

* * *

**El buladym içerden,**
**Sen gelmediň daşardan,**
**Utansam-da näz bilen**
**Tutaýjakdym goşardan.**

* * *

**El degirme tarama[42],**
**Duz dökmegin, ýarama,**
**Dagy ýüzüň görmerin**
**Kowalaşsaň harama.**

* * *

**El ýetirme genjime[43],**
**Git-de, çöple jümjüme,**
**Gaýratyňy göreris**
**Iş ýetende çyn-çyna.**

* * *

**Ele aldym keseri,**
**Gördüm erbet, ýeseri,**
**Ürküzdiler, kowdular**
**Başyma gonan sary.**

* * *

**Elim-ýüzüm ýagladym,**
**Ýara bilim bagladym,**
**Ýarym göwnüm almasa**
**Irden turup agladym[44].**

* * *

**Elim elwan gamçysy,**

---

[42] **Tara – ýüpek, nah mata dokamak üçin ulanylýan dokmaçylyk senetiniň ýönekeý guraly.**
[43] **Genç — hazyna, baýlyk, mülk.**
[44] **Şu bendiň:**
**Elim-ýüzüm ýagladym,**
**Ýada bilim bagladym,**
**Ýat göwnüme degende,**
**Yzym ýatlap agladym – diýen nusgasy-da bar.**

**Gözüm ýaryň sawçysy,**
**«Gelerin» diýp gelmedi**
**Ýigidiň ýalançysy.**

* * *

**Elimde alma narym,**
**Ýanymda söwer ýarym,**
**Dünýäde bir armanym**
**Wepaly bolsun ýarym.**

* * *

**Enem-atam duýdular,**
**Başym görgä goýdular,**
**Men-ä bir boz maýadym**
**Diriligme soýdular.**

* * *

**Ertir irden turduňmy,**
**Ýara gujak gerdiňmi,**
**Bir ýassyk, bir düşekde**
**Dynjyň alyp turduňmy?**

* * *

**Etmegin hynny-mynny,**
**Seni äkitjek indi,**
**Al, bukjaňy ugraly**
**Il ýatyp, çyra söndi.**

* * *

**Et çapdym, men, et çapdym,**
**Tamdyra somsa ýapdym,**
**Ýaryň beren ýüzügin**
**Ýitirip ýene tapdym.**

* * *

**Etrek, Gürgen çalt akar,**
**Çargadyňy ýel kakar,**
**Obanyň näzli gyzy**
**Goç ýigide at dakar.**

– G –

**Gawunymyz bişipdir,**
**Üstünden ýol düşüpdir,**
**Agam ogly, eý, ýigit**
**Yşgym saňa düşüpdir.**

* * *

**Gawunda bar kekene[45],**
**Düze çykdy çekene[46],**

**[45] Kekene – gawun pazylyna düşýän we oňa zyýan beriji kiçijik möjejik.**
**[46] Çekene – aýry-aýry hojalygyň birdir-ikidir dowarynyň toplanylyp bakylýan sürüsi.**

**Agam gyzy Mamagül**
**Berilýärsiň çykana.**

* * *

**Gaýra çykaly ýarym,**
**Gülüp bakaly ýarym,**
**Bu gün sähet bolmasa**
**Saba çykaly ýarym.**

* * *

**Gaýrada bir dalan bar,**
**Içinde jan alan bar,**
**Güýmemäň söwer ýary**
**Gözi ýolda galan bar.**

* * *

**Gaýradan-a, gaýradan,**
**Lal dilimi saýradan,**
**Ýat illere satylyp**
**Ýandym ili aýradan.**

* * *

**Gaýra-gaýraly göwnüm,**
**Peýkam ýaraly göwnüm,**
**Gülüp-oýnap, şat bolmaz**
**Ýardan kineli göwnüm.**

* * *

**Gaýraky depäň dagy daş,**
**Pürli pudakly agaç,**
**Hem käkilik, hem turaç**
**Janym alan oglan Täç.**

* * *

**Gaýradan gelen oglan,**
**Saralyp solan oglan,**
**Bir habary bar bizlik**
**Diýebilmez, «lal» oglan.**

* * *

**«Gapyda durma» diýdim,**
**«Boýnuňy burma» diýdim,**
**Kagyz ýazyp iberdim**
**«Bir sagat durma» diýdim.**

* * *

**Gapymyzda kölege,**
**Gözüm düşdi elege,**
**Üzüp alsyn giýew han**
**Gyz berilmez dilege.**

* * *

**Gara at geldi garşyma,**

**Döwlet geldi başyma,**
**«Käbe» diýip ugradym**
**Gelip gondy gaşyma.**

* * *

**Gara aty baglarlar,**
**Jigerimi daglarlar,**
**Bedewiň saýasynda**
**Ýorgany-da baglarlar.**

* * *

**Gara galam gaşly ýar,**
**Düzüm hünji dişli ýar,**
**Galdyr ýüzüň göreli**
**Hemmelerden işli ýar.**

* * *

**Gara guş-a, gara guş,**
**Sen asmandan ýere düş,**
**Iýseň sen çarlaklary**
**Ojar oda ýan-da, biş.**

* * *

**Gara saçy mar[47] ýarym,**
**Telleri tar-tar ýarym,**
**«Geler» diýip ýoluňda**
**Gözüm intizar ýarym.**

* * *

**Gara ädikli saňa gurban,**
**Gel, derdime bol derman,**
**Äkit meni özüň bilen**
**Örtendim seni görmän.**

* * *

**Garagumyň gandymy,**
**Ýar ýüregiň ýandymy?**
**Il ýatanda gelmediň**
**Näme başyň bendimi?**

* * *

**Garaköle geldim men,**
**Düz meýdanda boldum men,**
**Ýar öýünden çykanda**
**Saralyp hem soldum men.**

* * *

**Garaşdym men, garaşdym,**
**Ýar saçyny daraşdym,**
**Dalaşdyk öýkeledi**
**Soň oňşup, ýaraşdym.**

---

[47] **Mar – ýylan. Bu ýerde ýylan ýaly uzyn saç manysynda.**

* * *

**Garlawaç gaýyp uçar,**
**Ganatyn ýaýyp uçar,**
**Şum pelegiň elinden**
**Kimiň ýaryn kim guçar.**

* * *

**Garga iýer ekini,**
**Gyzlar tiker tikini,**
**Meň bagrymy ýandyrdy**
**Şol oglanyň ýalkymy.**

* * *

**Garşyňyzdan bakar men,**
**Ballar bolup akar men,**
**Saçym çille ýüpegi**
**Dutaryňa dakar men.**

* * *

**Garşyda goşa çynar,**
**Ýapragyň düşe, çynar,**
**Saýa salyp üstüme**
**Köp ýyllap ýaşa, çynar.**

* * *

**Gatlak-gatlak gara dag,**
**Gatlagynda ýarym bar,**
**Agaç uzyn, elim gysga**
**Dal pudakda narym bar.**

* * *

**Gaýa başynda duraram,**
**Düýbüne duzak guraram,**
**Söwer ýaryň derdinden**
**Kime dada bararam.**

* * *

**Gaýalar gaňragynda,**
**Hyna ýar barmagynda,**
**Didäm bir gyz söýüpdir**
**Nowçalar oýnagynda.**

* * *

**Gaýalar-a gaýalar,**
**Gaýada guş saýalar,**
**Ýagşy ýigdiň ömrüni**
**Ýaman hatyn zaýalar.**

* * *

**Geldi ýene Nowruzlar,**
**Seýle çykypdyr gyzlar,**
**Ýaryň gyýa bakyşy**

**Ýürek-bagrymy duzlar.**

* * *

**Gelin-gyzlar üýşübän,**
**Atyşalyň monjugy.**
**Ýaryn gören dakynsyn**
**Dagdan bilen gönjügi[48].**

* * *

**Geliň, gyzlar oýnalyň,**
**Gyrmyzy gülde ýaýnalyň,**
**Derek boýly ýigitleri**
**Alma atyp saýlalyň.**

* * *

**Geliň gyzlar, üýşeliň,**
**Bagtymyz synaşalyň,**
**Ol barýan ýigit kim-ä**
**Ýagşy, ýaman gülşeliň.**

* * *

**Geleweri, jan Sona,**
**Sözüm bar, meniň saňa,**
**Yşkyňda ýanyp-bişýän**
**Mähriňi inder maňa.**

* * *

**Giýewdir oba gelen,**
**Diýmäň sözüme ýalan,**
**Gelip ele düşäýse**
**Salarys, eşek palan.**

* * *

**Gijeler oýanaryn,**
**Sag gola söýenerin,**
**Gözläp seni tapmasam**
**Ýylan dek towlanaryn.**

* * *

**Gijeler oýnaşaly,**
**Çemende ýaýnaşaly,**
**Gije ogrynça gelen**
**Ýar bilen dalaşaly.**

* * *

**Gitdi ýar, eglendi ýar,**
**Agaja baglandy ýar,**
**Bäş güni wada berip**
**On bäş gün eglendi ýar.**

---

[48] **Gönjük – aýallaryň  dakynýan ujy şelpeli bezeg şaýy.**

* * *

**Goýnuny bakar gider,**
**Sykylyk çeker gider,**
**Her hepdede gelmese**
**Gözýaşym akar gider.**

* * *

**Gor[49] küýzede galdyrym,**
**Çyzgalgydyr baldyrym,**
**Ýör, gideli ezilme**
**Ýarym, çakýar ýyldyrym.**

* * *

**Goşy maýaly, nerli,**
**Bedewi ganat-perli,**
**Girsem şo ýar goýnuna**
**Bolsam gerek heserli.**

* * *

**Gözenekde ýatan oglan,**
**Köýnegi keten oglan,**
**Bir gyza aşyk bolup**
**Dünýeden öten oglan.**

* * *

**Gözenekden bakma, oglan,**
**Gözüň, gaşyň kakma oglan,**
**O gyz saňa berilmez**
**Ýürejigiň ýakma, oglan.**

* * *

**Gözenekden bakyşaly,**
**Göz-gaşy kakyşaly,**
**Eger nesip bolmasa**
**Kyýamat okaşaly[50].**

* * *

**Gözel gyz-a otyrmyş,**
**Itleri-de ýatyrmyş,**
**Aşyk oglan gizlenip**
**Sowgat, serpaý getirmiş.**

* * *

**Gözüm düşdi erkeje,**
**Käse saldym serkeje[51],**
**Gitdi ýarym ugratdym**
**Gezelenje Arkaja.**

* * *

**Gök kepderi geleýdi,**

---

[49] **Gor – agaranly düýe çalynyň küýzedäki galyndysy; düýe süýdünden çal tutmak üçin gerek bolýan gönezlik.**
[50] **Kyýamat okaşmak – “kyýamatlyk dogan okaşaly” diýen manyda.**
[51] **Serkeç – käse salynýan gaýyş gap.**

**Boýny ýere gaňrylyp,**
**Men niçik takat kylaý**
**Näzli ýardan aýrylyp.**

* * *

**Gökjeden[52] uçan guşlar,**
**Gör, nirde gonup gyşlar,**
**Ýar bizden köňlün üzüp**
**Gör, nirde köňlün hoşlar.**

* * *

**Gulaklary hünjüli,**
**Durma beýle ünjüli,**
**Gel, gowurga iýeli**
**Içi kişmiş, künjüli.**

* * *

**Guzynyň agyna bak,**
**Boýnunyň bagyna bak,**
**Meni göresiň gelse**
**Bagyryň[53] ýoluna bak!**

* * *

**Guramadyr[54] ýassygyň,**
**Gurhana gol basdygyň,**
**Gurhany niçik basdyň**
**Şumy maňa dostlugyň?**

* * *

**Gurbanam on barmaga,**
**Gitdi ýar suw almaga,**
**Jübüsi doly pisseden**
**Utanar men almaga.**

* * *

**Guşum goýberdim gotana[55],**
**Ýar geldi utana-utana,**
**Ak ýüzde ýaşmak tutana**
**Galdym ýalbara-ýalbara.**

* * *

**Gülgünedir köýnegim,**
**Gardan akdyr bilegim,**
**Aýralygyň derdinden**
**Ýanykdyr-la ýüregim[56].**

---

[52] Gökje – Aşgabadyň golaýyndaky obanyň ady.
[53] Bagyr – Ruhabat etrabyndaky bir obanyň ady.
[54] Gurama – bölejik matalary birleşdirip tikilýän ýorgan, ýassyk, düşekçe daşy.
[55] Gotan – holtumly, uzyn çüňkli ,suwly ýerlerde ýaşaýan uly ak guş.
[56] Şu bendiň:
Gülgünedir köýnegim,
Gülden akdyr bilegim,
Ýar üstüne ýar gelse,

* * *

Gül oglan-a, gül oglan,
Ýar görende gül oglan,
Şu gijede gelmeseň
Ýaryň gitdi bil oglan!

* * *

Gül üstünde kebelek,
Ýaglygyň menek-menek,
Men-ä arzuw edýärdim
Goýmady gahba pelek.

* * *

Güllerim gunçalandy,
Billerim inçelendi,
Eden wadamyz hany?
Ýyldyzlar gijelendi!

* * *

Gülleriň mahalydyr,
Nowruzyň baharydyr,
Gyz-oglan bir-birini
Seçmeli mahalydyr.

* * *

Günortadyr, çogludyr,
Gyzlar öýde baglydyr,
Her ýyl Nowruz gijesi
Ýar ýaryna baglydyr.

* * *

Gündogaryň ygy bilen,
Şemal öwser çygy bilen,
Şol oglan kän äňedýär
Gözüniň gyýgy bilen[57].

* * *

Gyz-oglan topar-topar,
Ýazda bir-birin tapar,
Ýaryma duşabilmän
Haçan gözýaşym kepär.

* * *

Gyz açylsa gyzyl gül,
Oglan bir saýrak bilbil,
Iki aşyk tapyşsa

---

[57] Şu bendiň:
Ýarylmazmy ýüregim – diýen nusgasy-da bar.

Daň säheriň çagy bilen,
Janym aldy tygy bilen,
Şol oglan köp seredýär,
Gözüniň gyýgy bilen – diýen nusgasy-da bar.

**Göýäki gyrmyzy gül.**

* * *

**«Gyz oglan» diýip lälezar,**
**Elmydama bahar-ýaz,**
**Gülünden aýra düşüp**
**Uçup gitmez guba gaz.**

* * *

**Gyz oglansyz gezäýmez,**
**Jan aşyga dözäýmez,**
**Ýaşylbaş höwri galsa**
**Sona uçup geläýmez.**

* * *

**Gyzlar oýnar gel-gel-ä,**
**Ak ýüzleri hal-hal-a,**
**Lebim suwun tut oglan**
**Akyp barýan bal, ýal-a.**

* * *

**Gyzlar, monjuk atalyň,**
**Jany jana gatalyň,**
**Aşyk bilen magşugy**
**Biri-birine çatalyň.**

* * *

**Gyzyl gül gönderen ýar,**
**Ýüregim ýandyran ýar,**
**Rakyp sözüne gidip**
**Bizden ýüz dönderen ýar.**

* * *

**Gyrmyzy donuň gatbar-gat,**
**Birin geý-de, birin sat,**
**Öz öýmüze gelmeseň**
**Goňşymyza gelip ýat.**

* * *

**Gyrmyzy donuň biçeýin,**
**Üstüne teňňe seçeýin,**
**Atam-enem görmänkä**
**Ogryn saňa gaçaýyn.**

* * *

**Gyrmyzy jüpbäm[58] dyzymdan,**
**Doýmadym gül ýüzüňden,**
**Gaýraky obaň ýigidi**
**Seredip galdy yzymdan.**

---

**[58] Jüpbe — giň we uzyn tikilen don, halat.**

* * *

**Gyrmyzy köýnek geýipsiň,**
**Teläre söýenipsiň,**
**Ahy-zaryň men çekýän**
**Sen näme saralypsyň?**

* * *

**Gyýa-gyýa bakar men,**
**Gülýakamy dakar men,**
**Gülümjiräp bir baksam**
**Oglan, seni ýakar men.**

* * *

**Gädik üstünde gädik,**
**Aýagynda sagry[59] ädik,**
**Ýagşy ýigdiň ömrüni**
**Biz Alladan diledik.**

– H –

**Haý ýigid-ä, haý ýigit,**
**Tamdyraly şa ýigit,**
**Aty altyn jylawly,**
**Sözi ýiti, gylawly.**

* * *

**Haý-haý, oglan, haý oglan,**
**Münen atyň taý oglan,**
**Gelin alýarlar saňa**
**Gapyňyzda toý oglan.**

* * *

**Hassa janym şypasy,**
**Bolaýyn men pidasy,**
**Degmäň, myhman oglana**
**Bolar il kethudasy.**

* * *

**Hemme işiň sakasy,**
**Daraýy don ýakasy,**
**Haçan geler, boýdaşlar**
**Şu oglanyň kakasy.**

* * *

**Her gün saňa bakar men,**
**Ballar bolup akar men,**
**Saçym çille ýüpegi**
**Dutaryna dakar men.**

---

**[59] Sagry – käbir malyň (atyň, eşegiň we ş.m.) bilinden guýrugyna çenli bolan aralyk bilinden yzky tarapy; Sagry ädik – mal hamynyň sagrysyndan tikilen ädik.**

* * *

**Her ne günäsi bolsa,**
**Atam-enem boýuna,**
**Atam-enem salmady**
**Goç ýigidiň goýnuna.**

* * *

**Her närsäniň örki bar,**
**Gara ýeriň berki bar,**
**Ýaryň ýoly saklawly**
**Görülmedik gorky bar.**

* * *

**Hudaý meni guş etse,**
**Ganatym kümüş etse,**
**Ýatsam-tursam dilegim**
**Söýenime duş etse.**

– I –

**Igim meniň pyrlanar,**
**Sapak ýygnap terlener,**
**Mata satyp, mal alsam**
**Goýun-guzym sürlener.**

* * *

**Iki öýmüziň arasy,**
**Ak telpegiň buýrasy,**
**Başyňa döneýin enesi**
**Azat eýle ogluňy.**

* * *

**Ikindiden, öýleden,**
**Gözüm gitmez şeýleden,**
**Agaç atly, ak ýelken**
**Şoldur meni Leýli eden.**

* * *

**Il gelýär-ä, il gelýär,**
**Ýagyş ýagyp, sil gelýär,**
**Sekiz gün wada berdiň**
**Aý yzyna ýyl gelýär.**

* * *

**Ilerde bir Aý bar,**
**Ujy gyzyl ýaý bar,**
**Şol ýaryň gujagynda**
**Söwer ýara jaý bar.**

* * *

**Ilerde ot yşygy,**
**Bizem didar aşygy,**

**Pygamberler kesgidi**
**Öldürmezler aşygy.**

* * *

**Ilerden gara geldi,**
**Ýüregim para geldi,**
**Boýy boýuma gurban**
**Derdime çäre geldi.**

* * *

**Ilerdäki ýeke agaç,Ýeke agaja garap gaç,**
**Gara gözüm ýaş ýigit**
**Ýara tarap şöhle saç.**

* * *

**Ilerimiz mesene[60],**
**Meseneden insene,**
**Içim ýakan ak telpek**
**Sen bäriňe dönsene!**

* * *

**Ilerimiz bozagan,**
**Itler oňa çozagan,**
**Aýajygy paşmaksyz**
**Agyzy bar ýaşmaksyz.**

* * *

**Ilerimiz sözen ýar,**
**Gara bagrym ezen ýar,**
**Rakyplara göz edip**
**Sallanjyrap gezen ýar.**

* * *

**Inip geldim obadan,**
**Öldüm gan aglamadan,**
**Tutda ýaprak galmady**
**Ýarama baglamadan.**

* * *

**Inip geldim dagyňdan,**
**Bir gül ýoldum bagyňdan,**
**Suwsasam suw bermezmiň**
**Gyrmyzy ýaňagyňdan.**

* * *

**Inip geldim inişden,**
**Üzeňňisi kümüşden,**
**Dadyrsana, eý, oglan**
**Jübüňdäki iýmişden.**

---

[60] **Mesene – degirmen suwuny batly indermek üçin beýgeldilen ýap.**

* * *

**Inişden inişiňden,**
**Ýar bize dönüşiňden,**
**Alma-nar alyp gelip**
**Derdime ýanyşyňdan.**

* * *

**Işikde türpe gelin,**
**Öýmäňi sürpe gelin,**
**Dört gözeliň içinde**
**Söwdügim körpe gelin.**

– J –

**Jana janym, jan oglan,**
**Bak, bäriňe han oglan,**
**Gelsene biziň baga**
**Alma-nary kän oglan.**

– K –

**Kakdyr oglan nalyňy,**
**Seýisle sakar alyňy,**
**Şu gün ýaryň al-da gaç**
**Geçirdiler malyny.**

* * *

**Kelte ýylgynyň içi,**
**Boýum parçadan kiçi,**
**Kiçi bolsa, ne kiçi**
**Goýnum jennetiň içi.**

* * *

**Keteni geýdim şaýlandym,**
**Güle bardym küýlendim,**
**Deň-duş oglan, gel bäri**
**Dertleşmegi oýlandym.**

* * *

**Keçe oýluk[61] egninde,**
**Egri taýak çigninde,**
**Sürä gider ýaş çopan**
**Agşam säher serginde.**

* * *

**Kişmişem-ä, kişmişem,**
**Örtenmişem, bişmişem,**
**Garyp atam göwni üçin**
**Ýat illere düşmüşem.**

---

**[61] Oýluk – sowukdan goranmak üçin egne atylýan, keçeden tikilen ýeňsiz geýim, ýapynja.**

* * *

**Kölegede ýatmagyn,**
**Gupbam ýere atmagyn,**
**«Börüklije gyz» diýip**
**Oglan, bir söz gatmagyn.**

* * *

**Kölgede ýatan oglan,**
**Köýnegi keten oglan,**
**Bir gyza başlyk[62] tapman**
**Gaýgydan öten oglan[63].**

* * *

**Köýnegi galbiriden[64],**
**Haraý öli, diriden,**
**Galyň alyp satarlar**
**Aýryp ol birinden.**

* * *

**Köýnek ýuwdum sermedim,**
**Ýarym geçdi görmedim,**
**Kesilmiş gyzyl dilim**
**«Alla ýaryň» diýmedim.**

* * *

**Kölleriň ak gunduzy,**
**Aý ýanynyň ýyldyzy,**
**Çyk, öýden ýaryň gelýär**
**Söýgüli gelin baldyzy.**

* * *

**Köňlümiz bire goýsak,**
**Duşmana dogry dursak,**
**Zülpüň şemala berip**
**Lebiňden posa alsak.**

* * *

**Köşegim höre-höre,**
**Joram satylýar köre,**
**Ýary gelip äkitsin**
**Daşy hossarly ýere.**

* * *

**Küleçe[65] mawut ýelbegeý[66],**

---

[62] Başlyk – durmuşa çykýan gyzyň kellesine örtülýän örtgi.
[63] Şu bendiň:
Kölgede ýatan oglan,
Köýnegi keten oglan,
Tur, ýaryň apardylar,
Bihabar ýatan oglan – diýen nusgasy-da bar.
[64] Galbiri – aýal geýimi üçin dokalýan ýarym ýüpek şagla dokalan mata.
[65] Küleçe – ýüň matadan ýa-da mahmaldan tikilen daşky aýal geýimi.
[66] Ýelbegeý – doly geýilmän egne atylan ýa-da kellä bürelen geýim.

**Gyrasy ýere degmegeý,**
**Menden özge ýar söýseň**
**Gözüň meni görmegeý.**

* * *

**Küleçe mawut biçdim ýar,**
**Şirin-şerbet içdim ýar,**
**Gyşyny gyşladym ýar**
**Ýazda aýra düşdüm ýar.**

* * *

**Küleçäni kim biçdi,**
**Boýundan uzyn biçdi,**
**Gyşyna gyşlanan ýar**
**Ýazyna aýra düşdi.**

* * *

**Käşgä küji[67] bolsadym,**
**Küjiň ujy bolsadym,**
**Ýar sapara gidende**
**Guşak ujy bolsadym[68].**

– L –

**Leklekini[69] getiriň,**
**Etrekden ötüriň,**
**Öldüm, öldüm diýemde**
**Şol oglana ýetiriň.**

* * *

**Lukmandan lukma alan,**
**Janyny oda salan,**
**Bararyma howlugyp**
**Özi yzymdan gelen.**

* * *

**Läle adyň Gyrmyzy,**
**Saçyň derýa gunduzy,**
**Ýaryň gözi sendedir**
**Patrap duran ýyldyzy.**

– M –

**Mawy donuň tary inçe,**
**Gel, ýanyma doýynçam.**
**Wada berip gelmeseň**

---

[67] **Küji – dokma dokalanda erşini birin-birin ýokary dartdyryp goýulýan desga.**
[68] **Şu bendiň:**

**Käşgä belent olsadym,**
**Daragta bent olsadym,**
**Ýar sapara gidende,**
**Jübüsinde gant olsadym – diýen nusgasy-da bar.**

[69] **Lekleki – ýüpegi, ýüplügi saramak, keleplemek üçin ulanylýan ýönekeý el guraly.**

**Men durar men gelinçäň.**

* * *

**Mawy donuň ýakaly,**
**Bir gül saldym şahaly,**
**Ýaryň eliňden gitdi**
**Tur, yzyňdan bakaly.**

* * *

**Mawut donuň bar eken,Ýeňi-ýany dar eken,**
**Ogryn-ogryn bakyşyň**
**Bizde göwnüň bar eken.**

* * *

**Mawut donuň Çyn-çyny,**
**Öpsem agzyň içini,**
**Gije gel-de, gündiz git**
**Oglanlaryň laçyny.**

* * *

**Meýdanyň ak selmesi,**
**Kyn boldy-la, gelmesi,**
**Janym alýar şol gyzyň**
**Gaşyn kakyp gülmesi.**

* * *

**Men gideýin ilime,**
**Kemer dakyp bilime,**
**Alty aýdan gelmesem**
**Çykyň meniň ýoluma.**

* * *

**Men ölsem adym ýiter,**
**Üstüme gök ot biter,**
**Bile gezen deň-duşlam**
**Ýanymdan aglap öter.**

* * *

**Meniň joram bagda gezer,**
**Ýakasyna düwme düzer,**
**Gyz-oglan bir-birine**
**Gaşyn kakyp, gözün süzer.**

* * *

**Meniň joram ak gyran,**
**Ony görenler haýran,**
**Ak ýüzünde gara gaş**
**Aşyklara jan beren.**

* * *

**Meniň joram Güljedir,**
**Biljagazy inçedir,**
**Billerin gören ýigit**

**Jandan geçip geljekdir.**

* * *

**Meniň ýarym at çapar,**
**Saýlanar abraý tapar,**
**Bedew atyn bezesem**
**Toýlarda owlak gapar[70].**

* * *

**Meniň ýarym bagşydyr,**
**Il içinde ýagşydyr,**
**Il bezenip toý etse**
**Ýarym onuň nagşydyr.**

* * *

**Meniň ýarym syratly,**
**Gyrmyz donly, Gyratly,**
**Altyngabak atany**
**Äriň baryp ýatany.**

* * *

**Molla oglan dalbendim,**
**Şoldur meniň bilbendim,**
**Ýüzüme gülüp baksa**
**Depeden aşak indim.**

* * *

**Monjuk atdym ýaryma,**
**Tiz ýetişsin ýanyma,**
**Sowgadyndan şypa ýok**
**Özi gelsin ýanyma.**

* * *

**Monjuk atyň, biz geldik,**
**Bir ýigdi myhman aldyk,Ýeňňem eneme aýtdy**
**Derdi-belaga galdyk.**

* * *

**Monjukdan üzüleýin,**
**Merjene düzüleýin,**
**Jandan söýen söwer ýar**
**Men saňa ýazylaýyn.**

* * *

**Mündüm beýik belende,**
**Guwandym ýar gelende,**
**Golum ýaryň ýassygy**
**Goýbermezler gelende.**

* * *

**Münüp sürdüm men maýa,Ýetişdim ajap jaýa,**

---

[70] **Owlakgapdy – birnäçe atly bolup, at çapyşykda bitinligine bişirilen owlagy bir-birine oklap, gapyp, saýlanyp öňe çykmak. Iň soňunda kimiň elinde owlak bolsa, şol tarap ýeňiji hasaplanylýar.**

**Gözel gördüm ýüzleri**
**Meňzäp dur dolan aýa.**

* * *

**Myradym Alla berse,**
**Sözüm ýara ýetirse,**
**Gelip meni göterip**
**Öz ilime ýetirse.**

* * *

**Mälärin guzy kimin,**
**Derýa gunduzy kimin,**
**Seni göwnüm küýseýär**
**Säher ýyldyzy kimin.**

– N –

**Nardan[71] üstünde nardan,**
**Täleýim ýok şu ýardan,**
**Sen bir algyr guş bolsaň**
**Çykarardyň şu zardan.**

* * *

**Nowruz geldi bu gije,**
**Gyzlar atyşar bije[72],**
**Kimiň bijesi çyksa**
**Baýragy horaz jüýje.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Hoş söz geldi dilime,**
**Onuň waspyň edeýin**
**Dutar alyp elime.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Meňzäp halyň gölüne,**
**Topragmyza bereket**
**Rysgal iýndi duluma.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Gül düşedi ýoluma,**
**Al-ýaşyl begres örtüp**
**Sagym bilen soluma.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Bakdym atyz-çilime,**
**Dürli ot-çöp parç[73] bolup**

---

[71] **Nardan – merdiwan.**
[72] **Bije – bir jedeli çözmek, bir zadyň gezegini, düzgünini, tertibini, hukugyny kesgitlemek üçin çekilýän belgili çöp.**

**Ryskyn berdi malyma.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Kuwwat berip bilime,**
**Ýagmyr ýagyp topragma**
**Sil goşuldy silime.**

* * *

**Nowruz geldi ilime,**
**Sähram, dagym, düzüme,**
**Baharyň nagmaçysy**
**Bilbil gondy gülüme.**

* * *

**Nowruz geldi, ýaz geldi,**
**Garga geldi, gaz geldi,**
**Oturan adamlara**
**Bilbilden owaz geldi.**

* * *

**Nowruzyň baharydyr,**
**Gülleriň mahalydyr,**
**Gyz-oglanlar seçilip**
**Tapyşar mahalydyr.**

* * *

**Näzenin sandygym ýar,**
**Boýuňa guwandygym ýar,**
**On sekiz ýaşdan bäri**
**Oduňa ýandygym ýar.**

* * *

**Näme barka şäherde,**
**Gitdi ýary säherde,**
**Söýgülsine garaşyp**
**Otyr öýde, Bahar-da.**

– O –

**Obamyz çöl düzdedir,**
**Ýaryň göwni bizdedir,**
**Ýar ýaglygyn ýitirse**
**Soramasyn bizdedir.**

* * *

**Owal aşyk bolmazlar,**
**Aşyk adyn almazlar,**
**Aşygyňa barmasaň**
**Bu dünýäde gezmezler.**

---

[73] **Parç – boý almak, pajarlamak.**

* * *

**Owaldan söýdüň meni,**
**Ne derde goýduň meni,**
**«Ýüpege çyrmajak» diýp**
**Hary-zar etdiň meni.**

* * *

**Oglan atyň keýerdi,**
**Ýapyşanyň eýerdi,**
**Söýgüliňi aldyrman**
**Ejeň ýatdan öýerdi.**

* * *

**Oglan-uşakly ýarym,**
**Ýorgan-düşekli ýarym,**
**Ýazlamaga çykanda**
**Torum-köşekli ýarym[74].**

* * *

**Oglan sen-ä mylaýym,**
**Golum saňa bulaýyn,**
**Çagyramda gelmeseň**
**Ahym tutsun ylaýym!**

* * *

**Oglan gyza baglydyr,**
**Gyz ýarsyz nä çaglydyr,**
**Oglan gyzy tapmasa**
**Aglar ýürek daglydyr.**

* * *

**Oglan gyz ýaryn görse,**
**Delmirip boýnun bursa,**
**Bir çöllük ýerde görse**
**Oglan tutar, gyz dursa.**

* * *

**Oglan çykdy bagyndan,**
**Ýakdy gyzy dagyndan,**
**Suwsap bir suw içsedi**
**Gyrmyzy ýaňagyndan.**

* * *

**Owal aşna[75] bolmazlar,**
**Aşna hatyn almazlar,**
**Aşna ýara barmasaň**

[74] Şu bendiň: Oglan-uşakly ýarym,
Ýorgan-düşekli ýarym,
Üşäp ýanyna girsem,
Ýyly gujakly ýarym — diýen nusgasy-da bar.

[75] Aşna — dost, gadyrdan.

**Ömür ýüzün görmezler.**

* * *

**Ol gyz näme aglaýar,**
**Ýürek-bagryn daglaýar,**
**Bukjasyny ýygnapdyr**
**Göwnün näme baglaýar?**

* * *

**Ol görünýän bäş atdyr,**
**Içim doly ataşdyr,**
**Ýa Ýaradan, dilegim**
**Öz ýaryma sataşdyr!**

* * *

**Ot ýanar yşyk bolar,**
**Öýmüz ýanaşyk bolar,**
**Ak keçäniň üstünde**
**Günde dalaşyk bolar.**

* * *

**Oturan-turan ýerde,**
**Märeke guran ýerde,**
**Alnyňa ak gün dogsun**
**Ak öýe giren ýerde.**

– Ö –

**Öýe bardym kowdular,**
**Kümüş gupbam döwdüler,**
**Owal saňa barjakdym**
**Arman, satyp sowdular.**

* * *

**Öz öýmüziň güli men,**
**Gulply sandyk dili men,**
**Jandan eziz doganmyň**
**Gapysynyň guly men.**

* * *

**Öýleri garşymyzda,**
**Söwda bar başymyzda,**
**Ýar meni derde goýdy**
**On ýedi ýaşymyzda.**

* * *

**Ökde tüpeň atmaga,**
**Aty bardyr ýetmäge,**
**Jaýyň barmydyr seniň**
**Gitseň gaçyp atmaga.**

* * *

**Öň atlynyň öňünde,**

**Pälwan Rüstem deňinde,**
**Saz çalyp, aýdym aýdar**
**Adym bar her heňinde.**

– P –

**Pelwertliniň[76] taly bar,**
**Tallarynyň baly bar,**
**Meniň söýen ýarymyň**
**Ýaňagynyň haly bar.**

* * *

**Pilleri ellerinde,**
**Synlary billerinde,**
**Meniň ýarym suw tutar**
**Obanyň pellerinde.**

– S –

**Sallançagyň bagy men,**
**Süýdüň gaýmak ýagy men,**
**Obamda batyr ýigdiň**
**Göz garasy, agy men.**

* * *

**Sallanyp daş çykanda,**
**Sary köýnek sowsany,**
**Alkymyň aýa meňzär**
**Seň şöhläň ursun meni.**

* * *

**Sapaklar sökülende,**
**Ak alma dökülende,**
**Ýar ýara näzli bakar**
**Al ýaňak öpülende.**

* * *

**Sary gawun dilmedim,**
**Gelin bolup gülmedim,**
**Gyzlyk soltanlyk eken**
**Gadyryny bilmedim.**

* * *

**Saralyp solup gitdim,**
**Bigäne bolup gitdim,**
**Didaryň görebilmän**
**Derdiňden ölüp gitdim.**

* * *

**Sary gawun bişipdir,**
**Üstünden ýol düşüpdir,**

---

[76] **Pelwert – Lebap welaýatynyň Halaç etrabynda bir obanyň ady.**

**Oglan, köp gelip gitme**
**Yşkym saňa düşüpdir.**

* * *

**Sary geýip sallanyp,**
**Begres[77] geýip bellenip,**
**Ýar yşkyňda däli men**
**Gezip ýörin ýellenip.**

* * *

**Sary ýüpek sozular,**
**Näzik göwnüm bozular,**
**«Geljek» diýip gelmese**
**Ýürek-bagrym eziler.**

* * *

**Sary içmegi geýen ýar,**
**Sallanyplar köýen ýar,**
**Ozal-a beýle däldiň**
**Meger, özge söýen bar.**

* * *

**Saçlaryň gara gandym[78],**
**Yşkyňda köýdüm ýandym,**
**Bir Aý gördüm asmanda**
**Seniň gül ýüzüň sandym.**

* * *

**Semeniden[79] gelýärkäm,**
**Sary gawun dilýärkäm,**
**Ýagly tagam iýmedim**
**Munyň duzsuz diýmedim.**

* * *

**Semeniniň tagamy,Ýedi aşa deň bolar,**
**Aýdyp bersem taryhyn**
**Bilmedige geň bolar.**

* * *

**Semawaryň sesinden,**
**Sesinden tüssesinden,**
**Ýara sowgat ibersem**
**Bazaryň pissesinden.**

* * *

**Sen keteni geýipsiň,**
**Alma-nardan doýupsyň,**
**Çopan ýigde seretmän**
**Mollaň oglun söýüpsiň.**

---

[77] **Begres – daşky geýim tikilýän ýüň mata.**
[78] **Gandym – Merkezi Aziýanyň gumluk ýerlerinde bitýän, inçeden uzyn kökli, bogun-bogun, tikenli agaç.**
[79] **Semeni – baharda ýörite suw sepelenip, öýde gögerdilen bugdaýyň ak baldagy döwülip gaýnadylan tagam.**

* * *

**Sen gelýänçäň ýyl boljak,**
**Bakja bagyň kül boljak,**
**Dulda duran ak guşak**
**Bilbil bolup saýrajak.**

* * *

**Sende ýar-a, sende ýar,**
**El ýaglygyň mende ýar,**
**Jahany ýigit alsa**
**Iki gözüm sende ýar.**

* * *

**Sowgadyňa döneýin,**
**Suw başyna gonaýyn,**
**Suw başy derek-derek**
**Deregi maňa gerek.**

* * *

**Söwütler pudar-pudar,**
**Kölgesi durman gider,**
**Iliň ýary öýde bolsa**
**Meň ýarym gelmän gider.**

* * *

**Sözle sözüň seljerip,**
**Her zat diýme kilçerip,**
**Ýakmagyn içim-bagrym**
**Sönen odum ölçerip.**

* * *

**Suw akar kenar gider,**
**Şu janym ýanar gider,**
**Degmäň, gyzyň göwnüne**
**Myhmandyr gonar gider.**

* * *

**Suw geler ýollandyrar,**
**Bakjany güllendirer,**
**Gurban bolsam şol ýara**
**Dilsizi dillendirer.**

* * *

**Suw geler lüle-lüle,**
**Ýar geler güle-güle,**
**Elinde gülli ýaglyk**
**Galpagyn syla-syla.**

* * *

**Suw akar hünjüleýin,**
**Göwnüm narynjalaýyn,**
**Senden özgä ýar diýsem**
**Hanjarňa sanjylaýyn.**

* * *

**Suw akar syza-syza,**
**Suw başynda gor küýze,**
**Sowgady siziň bolsun**
**Ýary gönderiň bize.**

* * *

**Suw akar daşa deger,**
**Kirpigi gaşa deger,**
**Meniň bir näzli ýarym**
**Kowum-gardaşa deger.**

* * *

**Suw akar akmak bilen,**
**Gaýany ýykmak bilen,**
**Kesekiden ýar bolmaz**
**Keseden bakmak bilen.**

* * *

**Suwa gitdim saz bilen,**
**Topar-topar gyz bilen,**
**Elim bulap getirdim**
**Söwer ýary näz bilen.**

* * *

**Suwa gitdim monjukly,**
**Monjugym salpançakly,**
**Dur, başyňa döneýin**
**Daraýydan penjekli.**

* * *

**Suwa gitdim bildiler,**
**Suwda göwnüm aldylar,**
**Owal-a aşyk däldim**
**Aşyklyga saldylar.**

* * *

**Suwa gitdim küýzeli,**
**Küýzesi pöwrizeli[80],**
**Tur, boýuňa döneýin**
**Daraýy, ganawuzly.**

* * *

**Suwa gitdim küýzeli,**
**Gözlegim gara gözli,**
**Ozal-a jana-jandym**
**Indi göwnüm üzüldi.**

* * *

**Suwa gitdim güzere,**

**[80] Pöwrize – ýaşyl reňkli gymmat baha daşyň ady.**

**Suw tapmadym süzere,**
**Baryp aýdyň gözele**
**Basym gelsin güzere.**

* * *

**Süpürdim men tekjäni,**
**Ýygnadym goş bukjany,**
**Ýarym tüýdügin çalýar**
**Ýaňlandyryp bakjany.**

* * *

**Sygyr bakar padyman[81],**
**Tüýdük çalar şadyman,**
**Gyzlar aşyk çopana**
**Ynanýarmyň Aman han?**

* * *

**Sygyryp bukularyn,**
**Gujagňa dykylaryn,**
**Ýarym, saňa barmasam**
**Büdüräp ýykylaryn.**

– Ş –

**Şetdalynyň şänigi,**
**Beýle ajy bolarmy?**
**Gelmezek ýar gujagy**
**Baldan süýji bolarmy?**

* * *

**Şetdalynyň şänigi,**
**Gülnahalyň gämigi,**
**Ýarym at salyp tutar**
**Gaçakçyny dönügi.**

* * *

**Şirin janym öz obam,**
**Şundadyr Kybla, Käbäm,**
**Ýada gitmen ölsem-de**
**Birdir sözüm, ýok tobam.**

* * *

**Şirindir-ä, şirindir,**
**Bakja barym şirindir,**
**Sag bolsun atam-enem**
**Söýen ýarym şirindir.**

– T –

**Tam üstünde tamymyz,**
**Goşadyr eýwanymyz,**

---

[81] **Padyman – sygyr çopany.**

**Sen ondan çyk, men mundan**
**Galmasyn armanymyz.**

* * *

**Tam üstünde gezen ýar,**
**Gara bagrym ezen ýar,**
**“Göriplik ýok” diýseler**
**Begres geýip gezen ýar.**

* * *

**Tamda goşa penjire,**
**Gözüm düşdi injire,**
**Sagatbagyňy çalyş**
**Altyn-kümüş zynjyra.**

* * *

**Tamdyrasy kümüşdi,**
**Çal, ýigit, dünýä geçdi,**
**Bu gyz seniň yşkyňda**
**Ýandy, örtendi, bişdi.**

* * *

**Tamdyranyň tary bar,**
**Ol oglanyň ary bar,**
**Daşy goragly ýerde**
**Zülpi towly ýary bar.**

* * *

**Tana, aljak awuňy,**
**Iberme sen sawuňy[82],**
**Zat ýok ýerden kilçerip**
**Ýaýratmagyn çawuňy.**

* * *

**Tapyşsa onda-munda,**
**Lebleri hende[83], hende,**
**Ýar bilen bagda duşsak**
**Ýaz bolar günde-günde.**

* * *

**Tokurtgadan[84] suw öter,**
**Sesi menzile ýeter,**
**Ýar ýaryndan aýrylsa**
**Bolar ölümden beter.**

* * *

**Töweregmiz gök baglyk,**
**Başymda öýme ýaglyk,**
**Gündizine gelersiň**

---

[82] **Saw – habar.**
[83] **Hende – gülmek, ýylgyrmak.**
[84] **Tokurtga – pele, atyza suw goýbermek üçin ýabyň boýunda ýörite goýulýan turba.**

**Duman bolanda daglyk.**

* * *

**Tudanamyz bişipdir,**
**Üstünden ýol düşüpdir,**
**Oglan daşdan gözleme**
**Yşkyň maňa düşüpdir.**

* * *

**Tur oglan, hurma oglan,**
**Boýnuňy burma oglan,**
**Syrymyz äşgär bolar**
**Köçede durma oglan.**

* * *

**Tut başynda tudana,**
**Gurban ýüpek tutana,**
**Ýüpek geýimin geýip**
**Ýar goýnunda ýatana.**

* * *

**Tut başynda tudana,**
**Höwür bolsun gidene,**
**Ne salam bar, ne sowgat**
**Ýaryn taşlap gidene.**

* * *

**Tutan keýgi pil ýaly,**
**Münen aty ýel ýaly,**
**A gyz, seniň adaglyň**
**Boýny edil gyl ýaly.**

– U –

**Ugradym geldim Deşte[85],**
**Tarypyň eşde-eşde,**
**At derledip geldim men**
**Jogap ber söze, düş-de.**

* * *

**Uzakdan gözlär meni,**
**Sözünde sözlär meni,**
**Egni tar-tar gulpakly**
**Goýnunda gizlär meni.**

* * *

**Uzyn-uzyn jülgeler,**
**Düýbi salkyn kölgeler,**
**Gel, ikimiz gezeli**
**Arman çeksin özgeler.**

---

[85] **Deşt – Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda bir obanyň ady.**

* * *

**Uzyn kentden ses geler,**
**Çykyň, bakyň kim geler,**
**Gyzlar geler gaçarak**
**Altyn-kümüş seçeräk.**

* * *

**Uzyn-uzyn söwütler,**
**Gyrmyz donly ýigitler,**
**Ýüzüjegim ýitirdim**
**Sorag salyň, ýigitler.**

– Ü –

**Üzüm ýar-a, üzüm ýar,**
**Ekeremde[86] biziň ýar,**
**On atly seýle çyksa**
**Serkerdesi biziň ýar.**

– W –

**Wadamyza wagt ýetdi,**
**Ýyldyzlar ýaňy batdy,**
**Ýigit, näme howlukdyň?**
**Göripler ýaňy ýatdy.**

– Ý –

**Ýer tapmadym gezere,**
**Söz tapmadym ýazara,**
**Baryp aýdyň ýaryma**
**Basym gelsin güzere.**

* * *

**Ýetmez hiç kim yzymdan,**
**Urmasalar dyzymdan,**
**Bile ölerin aýrylman**
**Saýlap söýen gyzymdan.**

* * *

**Ýokarda Ülker,**
**Telpegin silker,**
**Jana-jan ýarym**
**Gelmäge gorkar[87].**

* * *

**Ýokarda ýyldyz,**

---

[86] **Ekerem – Balkan welaýatynda bir obanyň ady.**
[87] **Şu bendiň:**
**Ýokarda Ülker,**
**Telpegin silker,**
**Ol gyzyň ýary,**
**Gelmäge gorkar – diýen nusgasy-da bar.**

**Telpegi gunduz[88],**
**Jana-jan ýarym**
**Gelmesin gündiz.**

* * *

**Ýola çykdym daň bilen,**
**Kerwen geldi jaň bilen,**
**Ýarym ýolda durmagyn**
**Üstüň dolar çaň bilen.**

– Ý –

**Ýagaryn ýagyş ýaly,**
**Titrärin gamyş ýaly,**
**Seni göwnüm isleýär**
**Bagdaky iýmiş ýaly.**

* * *

**Ýaglygymy dişledim,**
**Dört burçun kümüşledim,**
**Dogan gelse bermedim**
**Ýar geldi bagyşladym.**

* * *

**Ýaglyk ýuwsam açylar,**
**Seçekleri seçiler,**
**Oglan ýary göremde**
**Ukuly gözüm açylar.**

* * *

**Ýagyn ýagdy köl boldy,**
**Dogabagym öl boldy,**
**Huşum ýara gidipdir**
**Derdim agyr hal boldy.**

* * *

**Ýagyş ýagyp suw akan,**
**Kimdir ol öýden çykan,**
**Göz süzüp gyýa garap**
**Şu janym oda ýakan.**

* * *

**Ýagaryn ýagyş ýaly,**
**Titrärin gamyş ýaly,**
**Seni göwnüm isleýär**
**Bagdaky iýmiş ýaly.**

* * *

**Ýaglygymy dişledim,**
**Dört burçun kümüşledim,**
**Dogan gelse bermedim**

---

**[88] Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan we balyk, leňňeç, gurbaga we ş.m. bilen iýmitlenýän gymmatbaha derili kiçijik haýwan.**

**Ýar geldi bagyşladym.**

* * *

**Ýaglyk ýuwsam açylar,**
**Seçekleri seçiler,**
**Oglan ýary göremde**
**Ukuly gözüm açylar.**

* * *

**Ýagyn ýagdy köl boldy,**
**Dogabagym öl boldy,**
**Huşum ýara gidipdir**
**Derdim agyr hal boldy.**

* * *

**Ýagyş ýagyp suw akan,**
**Kimdir ol öýden çykan,**
**Göz süzüp gyýa garap**
**Şu janym oda ýakan.**

* * *

**Ýaz ýagyşy ýagdy geçdi,**
**Äleme suwun saçdy,**
**Esen oglan aýlanyp**
**Gyzlardan kimi seçdi?**

* * *

**Ýandym ýaryň yşkyna,**
**Düşdüm däli daşgyna,**
**Mündürdiler kejebä**
**Tirkediler guşguna[89].**

* * *

**Ýar göründi gözüme,**
**Ynanmazlar sözüme,**
**Nesibämi duş etsin**
**Şol oglanyň özüne.**

* * *

**Ýar ýaryň otagynda,**
**Saýrar gül pudagynda,**
**Derlesin burçak-burçak**
**Ýar ýaryň gujagynda.**

* * *

**Ýar bolar ýar islegi,**
**Gije-gündiz gyssagy,**
**Iki köňül bir bolsa**
**Öz ýanynda gyssagy.**

---

[89] **Guşgun — düýäniň howudynyň, eşegiň gaňňasynyň, atyň eýeriniň öňe süýşmezligi üçin guýrugynyň aşagyndan geçirilýän ýüp.**

* * *

**Ýarym geçdi köçeden,**
**Uzyn boýy inçeden,**
**Ýaryma bir don biçiň**
**Ýüpek mata, parçadan.**

* * *

**Ýary yzynda galan,**
**Enesi bagryn daglan,**
**Ýar ýada düşüp aglan**
**Açylan gül dek solan.**

* * *

**Ýarym maňa don doka,**
**Bir dokama, on doka,**
**Ýadygärlik getirin**
**Saňa altyn gülýaka.**

* * *

**Ýarym gitdi uzaga,**
**Goýdy meni duzaga,**
**Meniň söýgüli ýarym**
**Gitdi üç ýyl uzaga.**

* * *

**Ýarym atyň iými bar,**
**Aýagynyň simi bar,**
**Ýarym atyň bak, bejer**
**Şalyk bedew syny bar.**

* * *

**Ýaryň onda bikarar,**
**Gezer bagda intizar,**
**«Sen» diýp, ah urup aglar**
**Elmydama nala-zar.**

* * *

**Ýaryň ýaglygynda nar,**
**Bilmen, köňlünde ne bar,**
**Geler wagty gelmedi**
**Men bu ýerde intizar.**

* * *

**Ýaşyl donuň ter gördüm,**
**Dünýäden öter gördüm,**
**Agam ogluna barmagy**
**Ölümden beter gördüm.**

* * *

**Ýaşyryn bakyşaly,**
**Göz-gabak kakyşaly,**

**Pynhan ýerde duşuşyp**
**Derdimiz çekişeli.**

* * *

**Ýörüň, daga gideliň,**
**Dagdan baga gideliň,**
**Oglan ýary ýitirdik**
**Gözlemäge gideliň.**

* * *

**Ýüzüm tutdum agaja,**
**Soraň nedir şu gije,**
**Ejeňe şeý diýeýin**
**Goýber ogluň, şu gije.**

* * *

**Ýüzümiz haly halynça,**
**Keýpimiz il bilinçä,**
**Ile äşgär bolynça**
**Duşuşaly ölünçä.**

* * *

**Ýük üstünde haly bar,**
**Gölleriniň aly bar,**
**Gije gelen oglanyň**
**Göwnüniň hyýaly bar.**

* * *

**Ýük üstünde sandygym,**
**Sandyga söýendigim,**
**Ýat illeriň içinde**
**Haýp, meniň ýandygym.**

* * *

**Ýük üstünde jaýyň bar,**
**Sary ýagdan paýyň bar,**
**Özge gyza göz dikme**
**Munda gaşy ýaýyň bar.**

* * *

**Ýüregimde bir söz bar,**
**Aýdyp diýmäge men zar,**
**Meni bermäň ýat ile**
**Ýogsam, bolar dünýäm dar.**

* * *

**Ýyldyrymyň çakyşy,**
**Derýamyzyň akyşy,**
**Meni ýesir eýledi**
**Şol oglanyň bakyşy.**

**Zer atynyň ýonasy,**
**Elde çörek honasy[90],**
**Meýlishalar ýigitden**
**Doly myhmanhanasy.**

* * *

**Zülpüm şemala bermän,**
**Geldim köňlüňi burman,**
**Näme kasdyň bar mende**
**Goýduň janymda arman.**

* * *

**Zyýan ýetdi zehine,**
**Ýüregimde bar kine,**
**Aldady gaçdy gitdi**
**Ýarym meniň Mehine[91].**

---

**[90] Hona – türkmen hudaýýolusynda dograma edilende üstünde bişen et dogralan çörek bölegi.**
**[91] Mehin(li) – Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky bir obanyň ady.**